# Yşkyma hat / hekaýa

Category: Degişmeler,Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Yşkyma hat / hekaýa YŞKYMA HAT



Salam, yşkym. Saňa hat ýazmak ençe wagt bäri ýüregimde kökeripdi welin, kagyza geçirmäge mertlik edip bilmedim. Sebäbi, sen bilen bagly duýgularymy beýan etmäge meniň bilýän sözlerimiň gurbaty çatarmyka beri?…Hany, synanyşyp göreýin. Saňa hat ýazmanam bilerdim, ýöne ýüregimi daglap goýan yzyň wagt geçdigisaýyn agralyp, yzasy güýçlenýär yşkym, şonuň üçin ruhymda hemişelik goýan gyzgyn aýak yzlaryňy kagyz bilen paýlaşyp, kalbymyň howruny azajygam bolsa egissem diýýän…
Seni ilkinji gezek goňşy obamyzdaky daýzamlaryň jaý toýunda

görenimde edil bedenime ýyldyrym uran ýaly, el-aýaklarym titräp, ýüregim ýanyp, agzymdan howur çykypdy. Toýda hyzmat edip ýörşüme, birki sany oba ýigitleri bilen ýylgyrjaklap gelýän keşbiňi görüp, guýa goýberen çelegimi çekmän gara gözlerimi ýoluňa dikip, doňup galypdyryn. Seniň türkmen ýigidiniňkä mahsus berdaşly göwräňe kybapdaş tegelek ýüzüňden nur ýagyp duran ýaly, ýylgyrşyňy diýsene, asmandaky Aýyň şuglasy ýere düşen ýaly, töweregiňdäki ýigitleriň ählisi edil aýyň kölegesi boldy duruberdi. Gar ýaly ap-ak köýnegiň päkizeligi, gara gözleriň arassa bakyşy ýaly kalbyňam arassalygy, ýüregiňem ýukalygy dostlaryň bilen oýun edip, mähirli degişmeleriňden görnüp duran ýalydy. Güneşiň nuruna ýaldyraýan gara saçlaryň bolsa edil garaňky gijäniň asuda asmanyny ýatladýardy…

Ýaňy orta mekdebi gutaran gyz halyma oba oglanlary bilen toýa gelýän ýoluňa, ýöreýşiňe seredip öwelip galypdyryn, içimden bolsa ruhy atamyz Magtymguly şahyryň ,,Yşk dagyn assalar gögüň boýnundan, gök titreýip çeke bilmez bu derdi…” diýen sözleri biygtyýar aňymda ýaňlanyp başlady. Birdenem daýzamyň gyzy ýeňimden çekdi:

– A gyz, Gülşat näme doňup galdyň, aşyk bolduňmy ýa goňşymyza…

Daýzamyň gyzynyň jykyrdap gülmesine özüme gelip, ýüzlerim çapaty ýaly gyzardy, ellerim sandyrap, guýa goýberen çelegimi boşlugyna ýokary çekip, daýzamlaryň öýüne haýdap başladym…

Indi saňa seretmäge mejalym galmandy, kellämi ýerden galdyrmaga utanýardym, howa senden utanýardym, hiç hili tanamasamam utanýardym, şol wagty kellämde dessanlardaky magşuk gyzlaryň keşbi ýadyma düşdi ,,Yşk, yşk …belki yşk şu bolsa gerek”. Howa, şol günden başlap ýüregimde seniň adyňy Yşk diýip ýazdym, ýöne seniň bu adyňy özüňe-de, joralaryma-da, hatda hiç syrymy gizlemeýän ejem jana-da häzire çenli aýtmadym…

Şol günden başlabam sen maňa güýç berip, owadan dünýäde ýaşadyp başladyň: hakydamda hyýaly keşbiňi janlandyryp, gözlerimi ýumup seniň bilen bileje kitap okaýşymyzy, guşlaryň saýraýan seýilbaglaryna seýran edişimizi, gürrüňleşip, gülüşip ýörenimizi, hatda toýlara bileje gidişimizi hem göz öňüne getirýärdim yşkym. Bahana tapdygym daýzamlara myhmançylyga gidip başladym, sebäbi seniň daşyňdan suduryňy görmegem meniň üçin begençli ýagdaýdy ahyry, emma sen barada hiç kime aýdyp, diýip bilmedim, sebäbi sen maňa umuman üns bermediň ahyry,

ýüregimiň hasratyny eşitmediň, gözlerimiň ýaşyny görmediň… Öýümize gelip, özümiň ýeterlik owadan gyz däldigim ýa-da saňa mynasyp boljak başga artykmaçlyklarymyň ýokdugy barada pikirlenip, daňa çenli horkuldap aglap kän oturýardym, boýdaş gyzlarymdam soraşdyryp seniň daýzamlaryň goňşusydygyňy, özüm bilen deňduş oglandygyňy, şu ýyl lukmançylyk ugrundan ýokary okuwa synanyşjakdygyňam anyklap bilipdim, şol gündenem saňa mynasyp bolmak üçin göreşmek islegi meniň gyzlyk ýüregimde ör-boýuna galypdy. Ýokary okuw mekdebiniň synaglaryna gije ýatman taýynlanyp başladym, sebäbi Yşkymy paýtagta ugradyp, men obada galyp bilmerin, bu aýralyga nädip çydaryn, hyýalymda seniň bilen bileje okajak talyplyk ýyllarymy janlandyrýardym Yşkym. Ýok, ýok….beýle diýsem gabanyp edendir diýip oýlama Yşkym, men seni başga gyzlardan gabanmadym, sebäbi köp gyzlara tebigat özboluşly gözellik berýär, emma men garagözelek, horja, häsiýetimem edil oglanjyk ýaly…onsoň men nädip seni owadan gyzlardan gabanmaga milt edeýin, maňa diňe seniň nurly ýylgyrşyňy görmegiň özi ýeterlikdi, ýaraly ýüregimiň dermany seniň keşbiňdi Yşkym.
Ýadyňa düşýärmi, uniwersitetiň giriş synaglarynyň ilkinji güni, edil meniň ilkinji synaga girjek wagtym ýanymyzdaky obadaşlaryňy görüp, olara üstünlik arzuw etmäge gelendigiňi aýtdyň-da:
– Men eýýäm birinji synagdan geçdim- diýipdiň. Emma, meniň naýynjar bakyşlaryma seretmediňem, şol biperwaýlygyň, birdenem gara gözleriňi güldürip ýüzüme seredipdiň:
– Eliňdäki ruçkaňy döwdüň, beýle aljyrap oturma, geçersiň nesip bolsa–kuýaşyň nury düşen ýaly nurana ýüzüňden ünsümi sowup, synaga girmek üçin elimde tutup duran ruçkamy ikä bölenimem duýmandyryn-a… Wah, Yşkym biler bolsaň men şol ruçkamy synagdan gorkup däl-de, seniň ilkinji sapar bir ädim ýakynyňda durandygym, sesiňi ýakyndan eşidip, nurly bakyşyňa ýakyndan seredip görendigim üçin aljyrap döwüpdim ahyry. Men, bolsa dilimi ýuwudan ýaly, seniň degişmäňe jogap bermegiň ýerine, döwülen ruçkamy aýamda berk gysymlap, aýagymyň ujyna seredipdim. Ynha-da, meniň adym tutuldy, seniň ýüzüňe seredip bilmän ýerimden tarsa turdym-da, ýokary okuw jaýynyň işiginden «Bismilla” bilen ätläp, ikinji gatdaky synag alynýan otaga girip, sowalnamany çekdim-de, yzky hatardaky boş ýerleriň birinde oturdym.
Talyplyga gadam basmak üçin tabşyran ilkinji synagymda birinji

we ikinji soraglaryň jogaplaryny ýazmak kyn düşmedi, emma üçinji soragy ýedinjimi ýa-da sekizinji synpda okapdym welin, jogaby asyl-asyl ýadyma düşenokda. Ilki soraga seredip pikirlendim, kelläme üýtgeşik pikir gelmänsoň, synag alynýan otagyň içini synlap başladym, şonda tomusyň güni bolansoň jokrama yssyda ýelejiräp durmagy üçin açylyp goýlan penjireden sen göründiň Yşkym, howa sen ejem jana janygyp bir zatlar gürrüň berýärdiň. Seniň berdaşly keşbiňde, bürgüt garaýşyňda, alçak häsiýetiňde meni bendi eden bir güýç bardy, nazaryň öňünde durardan gaty ejizdim Yşkym. Senä ilkinji synagdan geçipsiň, menem ýykylyp çyksam, nädip seniň bakyşyň öňünde durup bilerin, nädip seni ýüregimde götermäge özümi mynasyp duýaýyn… Ýok, ýok, men hökman bilaýmeli, özüň maňa güýç ber Allahym, meni yşkyma mynasyp et… Synag tabşyrylýan otagyň äpişgesinden seredip, senden gözümi aýyrman, sowalnamanda düşen soragy gaýtalap oturşyma birden kitabyň şo soragyň jogaby ýazylan sahypasy göz öňümde janlandy. Bitin ruçkamy bir gapdala goýup, seniň nazaryň düşen zadyň özüme üstünlik getirjekdigine berk ynanyp, döwlen ruçkamyň arasyny açyp, kagyz bölejigini owkalap ruçkanyň içine dykdym-da, synagyň jogaplaryny ýazyp başladym. Şeýdibem, synagdan dörtlik baha bilen üstünlikli geçip, sen tarapa ganat ýaýdym Yşkym. Seniň begenişiňi diýsene, tüýs ýürekden başga adamlaryň üstünligine begenip bilşiňe haýran galypdym şonda. «Döwük ruçka alyp çykdymy…” diýip degşipdiň maňa. Wah, Yşkym şol synaglarda ruçka däl-de, seniň nurly keşbiň «alyp çykypdy” ahyry. Men şonda ýene-de lala dönüpdim, emma özümi ele alyp, saňa ömrümde ilkinji sözi aýdypdym:,,indiki synaglara-da gelersiňä…”. Seniň bolsa şol bir perwaýsyzlygyň, meniň bilen bile synag tabşyrýan garyndaşyň synagdan geçen ýagdaýynda geljekdigiňi aýdypdyň… Bagtyma soňky synaglarda-da seniň keşbiň goltgy berip, talyp bolmagyma ýardam edipdi, Yşkym. Iň soňky synagymy tabşyrmak üçin işikden giren wagtym üstünlik diläp ugradypdyň, emma seniň ynamyňy ödäp, talyp bolup seni begendirmek üçin ylgap howla çykanymda, sen eýýam öz uniwersitetiňe giden ekeniň. Talyp bolandygymy aýdyp, seniň ýylgyrşyňa mynasyp bolup bilmändigime aglap, gözlerimden boýur-boýur gözýaş döküpdim, şonda meniň bolşuma gorkan ejem:,,Gyzym reňkiň dagy duw-ak bolup dur, bir ýeriň agyrýarmy ýa” diýipdi. Agzymdan ot çykyp, dodaklarym kepäp durşuna ejeme ,,ýok, gowy ejejan” diýdim, emma içimden: ,», käbäm ýüregim agyrýar, Yşkym nirede, senden

soramaga utanýan käbäm, özüňem aýdaýaňok” diýip hyrçymy dişläpdim…
Talyplyk ýyllary geçip durdy, emma çärelerdir ýaryşlarda seniň okaýan ýokary okuw mekdebiňden adam görsem, gözlerim bilen seni gözledim, emma seýrek gabat geldim saňa Yşkym. Ýöne, umumy ýaşaýyş jaýynda seniň talyp garyndaşyň ýanyna gelip-gidýändigiňi görüp, aýnadan seredip, solan güle meňzäp galýardym, emma seniň ,,Salam” sözünden başga maňa aýdan sözüň bolmady. Menem saňa söz sözlemäge, seni gözlemäge gyzlyk buýsanjym ýol bermedi yşkym, ýüregim ,,özüň halyndan habar alaý, meni beýle köseme indi” diýdi, emma akylym ýüregime ezýet berip, ezeneginden şol çekdi durdy, çekdi durdy…
Hyýalymdaky keşbiň bilen derdinşip, başagaý bolup ýörşüme, talyplyk ýyllaram geçip gitdi, obamyza dolanyp gelip, ýaňy işe başlan günlerimde elime berlen çakylyk hatynda seniň adyňy okap agladym Yşkym, howa özem ýüregimi ezip, ezip agladym. Seniň adyň ýazylan ýürek şekiliniň gapdalyndaky şekilde başga gyzyň ady bardy ahyry. Bu nähili beýle bolýar, nähili adalatsyzlyk….
Çakylyk hatyny epläp-epläp, gözýaşlarym bilen ýuwup kän oturypdym, şonda ýene-de hyýalymda seniň bilen tersleşdim yşkym, howa saňa-da, özüme-de gaharym geldi. Näme sebäpden sen maňa ýetdirmezek, ykbalyma tutdyrmazak bolduň, hä… Belki göwnüň ýeten däldir, şoň üçinem özüňe mynasyp gören dälsiň, ýa-da men gören ýerimde saňa seredenimde lal açyp, doňup durup säwlik edendirin?! Men saňa ömürboýy garaşyp, nurly bakyşyňdan ruhlanyp ýaşap gelýärdim ahyryn, ähli kynçylykda sen maňa gaýrat berdiň ahyry Yşkym. «Wah, özüm söz aýdan bolsam näme, ýok ýok, toba diýewer, türkmen gyzy bolup, ýanyp-ölüp barýanam bolsaň ýigide ilki söz gatylmaz ahyry, mertebäňi kiçeltdigiň bolardy”… Özüm bilen özüm göreşdim, özüm bilen özüm söweşdim, soň ýene-de hyýalymdaky keşbiň bilen ýaraşdym Yşkym. Toýuňa-da, bardym, saňa bagt diläp gutladymam, seniň ýanyňda owadan, ak ýüzli gyzyň oturandygyny görüp begendimem, sebäbi sen iň gowy gyzlara mynasyp ynsan ahyry yşkym, gözümiň hanasyn ýaşdan bulduradyp toýuňdanam hyrçymy dişläp çykyp gaýdypdym…
Ondan bäri kän ýyllar geçdi, herimiziň öz maşgalamyz, çagalarymyz bar, seni görmedigime-de ençe ýyl boldy. Arada dükanda gözüme kaklyşdyň welin, ýüregim elenip, okara gözlerimiň owasy ýaşdan doldy. Seniň bolsa, şol nurly bakyşyň, jana melhem garaýşyň, alçak, hoşzyban häsiýetiň üýtgemändir.

Çagalaryň bilen başagaý bolup duranyňy görüp, kalbymda körän ataşymy söndürmäge jan edip durşuma, ýanýoldaşymyň aladaly sesi özüme getirdi:
– Keýwany, gowmy ýagdaýlaň, näme bolýa saňa. – Elimiň tersi bilen gözýaşlarymy süpürip durşuma dillendim:
– Gowy kakasy, alada etme, gözüme bir zat düşdi öýdýän.
Obamyzyň sylagly lukmany bolup, ençeme dertlä şypa berýäniňi eşidip, daşyňdan guwanýan Yşkym, emma meniň ýaraly ýüregime melhem bolup bilmediň. Indä saňa yşkym diýmäge hakymam ýok welin, sen meniň ýüregimiň hemişelik yşky bolup galdyň, sebäbi beýnim bilen guran darkaşlarynda barybir kalbymyň ody, yşkyň alawy üstün çykdy öýdýän…
Howa Yşkym, saňa niýetlenilen, ýöne saňa ýetmejek hatymy tamamlap barýan. Yşkym, haýsydyr bir obadaş gyzyň üçin seniň şeýle adyň bolandygyny sen hiç haçan bilmersiň, ejemem, joralarymam bilmez. Sebäbi, hakyky yşk – beýniň däl-de ruhyň yşky, bedeniň däl-de, kalbyň alawy – dury asman ýaly päkize, namazlyk ýaly arassa bolup, dillerden we gözlerden ýaşyryn bolup galýan eken.
Bibigül ÝAGŞYMÄDOWA. Hekaýalar